# Çaganyñ wagtynda gürlemezligi

Category: Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çaganyñ wagtynda gürlemezligi ÇAGANYŇ WAGTYNDA GÜRLEMEZLIGI




*Deň-duşlarynyň bireýýäm gürläp başlandygy, ýa bolmasa özünden kiçi çagalaryň arassa gürläp bilýändigi ene-atany howsala salýar. Sözleýiş çaganyň bedeniniň umumy ösüşine, ýatkeşligiň emele gelmegine, pikirlenişi kämilleşdirmekde möhüm orny eýeleýär. Şeýle-de, dogry sözleýşiň ösüşi beýleki adamlar bilen gatnaşygy berkitmekde, jemgyýetçilik aragatnaşygyny ýola goýmakda möhümdir. Ýöne çaganyň gürlemeýändigi köplenç üç ýaşyna baranda, ýa-da ondan geçensoň anyklanylýar. «Üç ýaşyna baranda saýrap duran dil biter» diýip, oňa üns bermeýän ene-*

*atalaram hem bar. Emma ene-atalar çaganyň geplemezekligine, gaty işjeň bolmadyk gatnaşygyna has ir üns bermeli.*

Ilkinji ýarym ýylda çaga seslere üns berip başlaýar. Ony körpejäniň hereketlerinden hem aňyp bolýar. Enäniň ýuwaş sesem onda, kanagatlanma duýgusyny döredýär. Birden çykan gaty ses, goh tisginme döred ýär. Çaga eýýäm «aaa, eee, ooo» çekimli sesleri aýdyp ugraýar. Takmynan 6 aýdan soň çekimsiz sesler hem goşulyşyp başlaýar. Şeýle wagtda çagalar ulularyň aýdanlaryna gulak asyp, sözleýşine üns berýärler, gaýtalamaga çalyşýarlar.

Bir ýaşyna baranda çaga eýýäm birnäçe sözlere düşünýär. Ýöne olaryň diňe sanaýmalysyny aýdyp bilýär.

2 ýaşyna baranda çaga haýyşlary ýerine ýetirip, edileni gaýtala magy, görkezmegi başarýar. Çylşyrymly sözlemlere düşünýär, ýöne şonda-da az gürleýär. Bu ýaşda çaga iki sözden ybarat sözlemleri aýtmagy başarmalydyr.

3 ýaşanda sözlemler çylşyrymlaşyp ugraýar. Soraglary berip, anyk sözleri, jogaplaryaýdypbaşlaýar. 3 ýaşynda eýýäm körpejäniň sözlük gorunda müňlerçe söz bolýar. Sözlem aýdanda sypatlary, hallary ulanýar. Bu ýaşda çaga ulular bilen gowy düşünişip bilýär.

Üç ýaşda gürlemeýän, dymma, gereginden az gürleýän çagalar bolsa, onda olaryň bir sebäbi bolup biler.

## ULULARYŇ GEREGINDEN ARTYK KÖP GÜRLEMEGI

Bu ýagdaý seredäýmäge sözleýşiň ösüşini kämilleşdirmäge ýar dam edäýjek ýaly. Daştöwereginde näçe adam köp bolsa, şonça-da köp söz çalt öwreniläýjek ýaly, emma bu tersine bolýar. Çaganyň daş-töwereginiň hemmesi «ulularyň» dilinde gürlese, aljyraýar. Ol pikirlenmegi başarýar, ýöne özüne düşnükli dile geçirmegi başarmaýar. Ulularyň söz leýşi düşnükli bolar ýaly, dogry ösüşi üçin çaganyň öz düşnükli dilinde gürleşmeli.

## OŇAÝSYZ ÝAGDAÝLAR

Her bir stres oňaýsyz täsir edip biler. Stres bu güýçli gorky bolman, maşgaladaky dartgynlylyk, agzalalyk, gohgalmagal, çalt-

çaltdan ýaşalýan ýeri üýtgetmek ýaly ýagdaýlaram degişlidir:

• Köp çagalar it göreninde gorkýarlar. Käbir çaga iti göreninde gorkýandygyny aýdar, käbiri üçin bolsa ol güýçli tolgunma bolup biler. Bu ýagdaý çaganyň daşyndan bildirmän biler, çaga aglaman hem biler. Ýöne çagajyk soň köp wagtlap dymyp we sakawlap biler. Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin çaga kiçiliginden düşündirmeli. Suratlary görkezip, çagalara haýwanlaryň nähili ses edýändigini düşündirmeli.

• Başda çaganyň ösüşi bolmalysy ýaly kadaly, sözleýşindäki mese leler belli bir wagtdan soň döräp başlaýar. Käbir ýagdaýlarda 2-3 ýaşly çagajyk jigisiniň dünýä inmegi bilen gürlemegini bes edýär. Onuň gürlemekden boýun gaçyrmagy, jigisine meňzejek bolma gyndadyr. Ol özünede uly üns berilmegini isleýär. Egerde mesele psihologiki ýagdaýda diýip düşünýän bolsaňyz onda oňa çaganyň gözi bilen seretmäge synanyşyň. Onuň isleýän ünsi, aladasy, söýgüs ýetýärmi? Ýaşaýan şertleri oňaýlymy, özüni ynamly duýýarmy? Egerde ýok bolsa, onda olary düzetmäge çalşyň.

• Egerde çaganyňejesi, kakasy lal bolsa, ondahereketli gürleşilýän öýde çaga wagtynda gürläp bilmeýär. Şeýle maşgalalarda çagalar köpräk gürleýänleriň arasynda bolmaly.

## NESILLEÝIN MEÝILLILIK

Şertli kadalar bar. Çagalary wagtyndan giç gürläp başlaýan, näçe arka dowam edip gelýän maşgalalar bar. Aýratyn sözleri az aýdyp, sözlem görnüşinde çalt gürläp başlaýarlar. Şeýle ýagdaýlarda ene-atalar maşgalanyň aýratynlygyny bilip, arkaýyn bolýarlar. Ýöne şeýle bolanda hemlukmana ýüz tutup, käbir döremegi mümkin meseleleriň öňüni alanyň gowudyr. Esasy çaga bilen öz üstünde işlemekdir. Meselem, käbir çagalaryň agyz boşlugynyň myşsalary doly ösmedik bolýar, ýüz myşsalary gowşak tonusly bolýar. Çaga pallanda ýada çeýnände kyn düşýär. Şeýle çagalar gürläp başlanda hem kynçylyk ýüze çykýar. Uzak wagtlap sesleri saýgaryp bilmeýär. Aýdyp bilmeýän sözlerinden ýüz

öwürýär. Munuň üçin ýüz myşsalaryny berkidýän oýun görnüşli maşklar bar:

• Çaga depderiň bir sahypasyny, ýelegi, sabyn köpürjigini üfetmek arkaly;

• Üfenip çalynýan tüýdükleri alyp bermek arkaly;

• Atyň aýak sesini, ulagyň, pişigiň seslerini gaýtalap bermegi haýyş etmek arkaly oýunlary ýygy-ýygydan geçirmeli. Ýöne olary berk düzgünli sapak görnüşinde däl-de, peýdaly, gyzykly görnüşinde geçirilse, netijesi gowy bolar.

## GEPLEÝŞINDÄKI BOZULMALAR

Köplenç eşidişi pes çagalaryň gürleýşinde kynçylyklar döreýär. Meselem, sowuklamanyň gaýra üzülmesi netijesinde, gulak-burun-bokurdak kesellerinde döräp bilýär. Çaga multflm görüp otyr. Onuň adyny tutup çagyrýarlar, ol seslenmeýär. Has gaty gygyranlaryndan soň «hä» berýär. Bu ýagdaýy eneatasy çaganyň multflmi bar ünsüni berip tomaşa edýändigi bilen düşündirýärler. Şeýle «ünsüni bermeler» eşidişiň bozulmagy, psihiki ösüşiň yza galmagy bilen hem bagly bolup biler. Bu bolsa gepleýşiň bozulmagyna getirip biler. Munuň üçin çaganyň diňleýän wagtyna üns beriň. Gürleýäne bolan ünsüni kellesini bir gapdala öwürmek arkaly (bu ýagdaý bir gulagynda eşidişiň peselmegi ýüze çykanda döreýär) diňleýärmi? Şeýle döreýän meseleleri tiz wagtda çözmegi başarmaly. Çaganyň otolaringolog, surdolog lukmanlaryň barlagyndan geçirip, degerli maslahatlaryny almak zerurdyr.
Çaganyň wagtynda gürlemezliginiň sebäbi keselçilik ýa-da kelle beýniniň zeperlenmegi (kelläniň şikesleri, ýokançlar, çaga göwrede wagty ýada soňra geçiren gipoksiýasy, wirusly sowuklamalar) hem bolup biler. Şeýle bolan halatynda hökmany ýagdaýda degişli lukmana ýüz tutmagy yza çekmeli däldir. Mesele çaganyň hut gepleýşinde bildirer. Öz wagtynda alnan bejergi, körpeje bilen geçirilýän türgenleşikler çaga dogry hem wagtynda dil açmaga kömek eder.

## TELEWIZORYŇ, YKJAM TELEFONYŇ GEREGINDEN ARTYK ULANYLMAGY

Çaga kiçiliginden telewizora ýada telefona seretmegi endik etdirmeli däl. Çaganyň ejesi, kakasy bilen mähirli janly gatnaşykda bolmagyny gazanmaly. Has kiçi ýaşdan multflme tomaşa etmek, oýunlary görmek çaganyň ünsüni bölüp biler. Ýöne çaga görýän zadyny kabul edip bilmez. Elektromagnit şöhlelenme körpejede wagtyň geçmegi bilen täsirini bildirer. Şeýle ýagdaýlarda günüň dowamynda telewizory belli bir wagt aralygyna çenli görkezmeli we başga wagtda çäklendirmeli. Ony tomaşa edeninden soň şol multflmiň manysyny düşündirmeli. Çaganyň ösüşi, eşidişi kadaly bolsa onda bu ýagdaýda janly gatnaşyk iň gowy dermandyr.
Ene-atalar çaganyň kadaly ösüşi üçin, wagtynda gürlemegi, sözleýşiniň talabalaýyk bolmagy üçin körpeje doglandan üns berip başlamalydyr.

Rozygül IBRAGIMOWA,
Aşgabat şäheriniň Saglygy dikeldiş okuw-terbiýeçilik toplumynyň surdolog lukmany. Medisina